# Köwşüm

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Köwşüm KÖWŞÜM

*(Ýarym degişme, ýarym çyn)*

Ýagşyny ýatlamak däbin,
Bozmaryn hiç mahal köwşüm.
Içinden kän aýakgabyñ,
Sensiñ saýlap-seçen köwşüm.

Tekiz ýerde gezdiñ gaýyp,
Buza bassam, ýykdyñ taýyp.
Ýagşylary dostuñ saýyp,
Ýamanlardan gaçan, köwşüm.

Bile sökdük çöli, dagy,
Bile sökdük güli, bagy.
Hapalansañ, çaldym ýagy,
Lowurdap nur saçan, köwşüm.

Wadaly gün – ygally gün!
Duşuşanda aşyk göwün.
Men sorýarkam ýaryñ lebin,
Ýagşyñ suwun içen, köwşüm.

Iki ýürek deñ gelende –
Aşyk-magşuk hiñlenende.
Ökjelerim ýeñläninde,
Dolup-daşyp «göçen», köwşüm.

Bir wepaly it dek söýdüm,
Nirä gitsem, seni geýdim…
«Dynç al» diýp burçda goýdum,
Uzak ýoly geçen, köwşüm.

Soñra bir gün saña tarap,

Nazar salsa, halyñ harap.
Seniñ bilen «söweş» gurap,
Gemiripdir… syçan, köwşüm.

Sag bol! Ýagşy hyzmat etdiñ,
Islän ýerme alyp gitdiñ.
Pikirlenip, oda atdym,
Gyzart böwrün pejiñ, köwşüm.

Muny gaty görme menden,
Halas edýän agyr günden,
Ýyrtyjy melgun syçandan,
Ýagşy ara açan köwşüm.

Eýesinden razy bolup,
Syçan hana aldaw salyp.
Tüsse bilen göge galyp,
Jennet taýa «uçan» köwşüm.

Oraznepes BAÝRAMOW. Goşgular